**Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy**

**Metbugat azatlygy boýunça wekili**

## 14-nji Merkezi Aziýa metbugat maslahaty

## Adaty metbugatdan onlaýn metbugata tarap: öňdebaryjy tejribeler we ösüş ugurlary

**Aşgabat, Türkmenistan, 5-6-njy iýul 2012-nji ýyl**

**BEÝANNAMA**

14-nji Merkezi Aziýa metbugat maslahaty ÝHHG-niň Metbugat azatlygy boýunça wekiliniň edarasy tarapyndan ÝHHG-niň Merkezi Aziýadaky ýerli edaralarynyň goldamagynda 5-6-njy iýulda Türkmenistanyň Aşgabat şäherinde geçirildi.

Geçen ýyllaryň dowamynda Merkezi Aziýa metbugat maslahaty Merkezi Aziýada žurnalistleriň arasynda metbugat meselelerini ara alyp maslahatlaşmak we hyzmatdaşlyk etmek üçin özboluşly foruma öwrüldi. Biz Aşgabatda ilkinji gezek duşuşýarys.

Iki günlük maslahata 150-den gowrak adam gatnaşdy, olaryň arasynda Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistandan žurnalistler, metbugat bilermenleri, hökümet işgärleri, parlamentariler, raýat jemgyýetçiliginiň wekilleri we ylym edaralarynyň wekilleri bar. Biz Owganystandan, Ermenistandan we Azerbaýjandan synçy hökmünde gatnaşýan kärdeşlerimizi mähirli garşyladyk.

Sosial we onlaýn metbugat maslahatyň üns merkezinde boldy. Maslahata gatnaşyjylar sosial metbugatyň we onlaýn ýaýlymlaryň kadalaşdyrylmagynda halkara ülňülere we milli tejribelere degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Şeýle hem, gatnaşyjylar Merkezi Aziýa ýurtlarynda iň täze öňegidişlikleriň üstünde durup geçdiler. Mundan başga-da, onlaýn we sosial metbugata degişli hukuk meseleleri, syýasatlar we tejribeler, onlaýn metbugat serişdeleri üçin ykdysady modellere hem-de olaryň geljegine garaldy.

Maslahat:

1. Öz geçirilýän ýerini dürli ýurtlaryň arasynda aýlamagyň hyzmatdaşlyk we özara ynamlylyk ruhuny pugtalandyrmakdaky ähmiýetini nygtaýar we Türkmenistanyň häkimiýetlerine gowy myhman alandyklary üçin minnetdarlyk bildirýär.

2. Merkezi Aziýanyň ähli ýurtlaryndan metbugat, raýat jemgyýetçiligi we hökümet wekilleriniň maslahata gatnaşyp, sebitleýin derejede onlaýn we sosial metbugatyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaklaryny gyzgyn garşylaýar.

3. Onlaýn we adaty metbugatyň ÝHHG gatnaşyjy ýurtlaryň metbugat azatlygy boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýändigini ykrar edýär.

4. Onlaýn metbugatyň dürliligi we plýuralizmi artdyrmaga mümkinçilik berýänligini hoş garşylaýar.

5. Internetiň iş ýüzünde, şol sanda bilimde, ykdysadyýetde, şahsy aragatnaşykda hödürleýän peýdalaryny nygtaýar we onuň maglumaty gözlemekde, öndürmekde,almakda we ýaýratmakda uly ähmiýetiniň barlygyny kabul edýär.

6. Degişli kanunlary, syýasatlary we çäreleri kabul etmek we olaryň durmuşa geçirilişine garaşsyz kazyýet we netijeli jemgyýetçilik gözegçiligini ýola goýmak arkaly hökümetleri özüňi erkin beýan etmek we maglumatyň erkinligi baradaky binýatlyk hukuklary goramaga çagyrýar.
7. Internetde erkin beýan etmäge girizilýän çäklendirmeleriň diňe halkara hukuga gabat gelýän, demokratik jemgyýet üçin zerur, kanun tarapyndan talap edilýän we jemgyýetiň bähbidini göz öňünde tutýan ýagdaýynda kabul edip boljakdygyny belläp geçýär. Onlaýn metbugata giriş diňe kazyýetiň çözgüdi arkaly çäklendirilip bilner. Websaýtlary petiklemek aç-açan we esas görkezilip amala aşyrylmalydyr. Çäklendirilen metbugat serişdeleriniň sanawy köpçülige habar berilmeli we elýeterli edilmelidir.
8. Internetiň, şol sanda onlaýn metbugatyň aç-açanlygyny we durulygyny milli kanunlaryň ösdürmelidigine ynanýar.
9. Hökümetleri Internete we onuň hyzmatlaryna, şol sanda sosial metbugata we sosial torlara girmek we olary ulanmagy adam hukugy hasaplamaga we olara ählumumy girişi üpjün etmäge çagyrýar.
10. Ilatyň dürli toparlarynyň arasyndaky "sanly aradaşlygy" ýapmakda, täze metbugaty ulanmak boýunça bilim bermegi ösdürmekde we umuman Internete girişi ilerletmekde hökümetleriň ähli dahylly taraplar bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga çagyrýar.
11. Telekommunikasiýa kompaniýalaryny enjamyna, mazmunyna, awtoryna, gelip çykyşyna ýa-da barýan nokadyna garamazdan hemme onlaýn maglumata we herekete deň seredilýänligini üpjün etmek üçin, toruň bitaraplygyny ýola goýmaga çagyrýar.
12. Özlerini erkin beýan etmek hukuklaryny ulanyp, ulanyjylaryň mazmunlary döretmekde işjeň rol oýnaýandyklaryny kabul edýär.
13. Hökümetde saklanýan we jemgyýete degişli maglumatlara raýatlaryň aç-açan we aňsat girmegini ornaşdyrmakda hem-de döwlet işgärleriniň jogapkärçiliklerini pugtalandyrmakda hökümetleri sosial metbugat serişdelerini ulanmagy ösdürmäge çagyrýar.
14. Internetiň jemgyýetçilik çekişmesi üçin açyk meýdança bolup galmagyny we ulanyjylaryň hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmek üçin, hökümetleri raýat jemgyýetçiligi we telekommunikasiýa kompaniýalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge çagyrýar.
15. Internet ulanyjylarynyň hukuklaryny doly ulanyp bilmekleri üçin, olaryň hususyýetini bikanun bozulmalardan goramagyň zerurlygyny nygtaýar.
16. Häkimiýetleri žurnalistleriň, bloggerleriň we 'raýat habarçylaryň' päsgelçiliksiz işlemegini üpjün etmäge çagyrýar.